# Göwün-göwünden suw içer: SEN MAÑA GEREK!

Category: Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 21 января, 2025
Göwün-göwünden suw içer: SEN MAÑA GEREK! SEN MAÑA GEREK




Bu dünýäde gereksiz, durmuşda hiç bir orun tutmaýan adam ýokdur. Goý, ol görksüz, kärsiz, hiç bir zadyñ alnyndan däl bolsun. Ýöne ol ýa häsiýeti bilen ýa-da öz eden işi bilen kimdir biriniñ iñ bolmanda kalbynda ýylylyk goýandyr.
Giñ jahan syrdan doly. Ösümlikleriñ biri-birine bagly bolşy ýaly, adamlar hem biri-birinden üzñe däldir. Siz tokaýda bir agaç çapylsa, onuñ töweregindäki agaçlaryñ sülleryändigini gördüñizmi? Sebäbi agaçlar biri-biri bilen energiýa alyşýar. Çapylan agaç sebäpli şol energiýa bozulýar. Ýa-da tokaýda bir agaç kesellese, beýleki agaçlar şol agajy öz bejeriji häsiýetli energiýasy bilen bejerýär.
Adamlar hem şolar ýaly biri-biri bilen energiýa alyşýar.
Biziñ energiýa diýýänimiz mähir. Nähoş adamy soramaga baranymyzda, biziñ duýgudaşlyk mährimiz ony bejerýär. Üns berseñiz şeýle adam birhili gutulan ýaly bolýandyr.
Türkmen şonuñ üçin "Göwün göwünden suw içer" diýip ýöne ýere aýtmandyr. Adam adama gamly günem, şadyýan günem gerek. Bu dünýäni saklap duran zat hoşgylawly gatnaşyklardyr. Bu barada Muhammet pygamber (s.a.w):
"Hudaý ýolunda dostlaryñyñ sanyny artdyr. Dostsuz kişi çep elsiz sag ele meñzeýär, ýagny, dostsuz hiç iş bitmez (31)… bilgil ki, her kimiñ dosty az bolsa Allatagalanyñ öñünde onuñ gadyr-gymmaty ýokdur" (32)

– diýip, öz wesýetlerinde aýdyp geçipdir.

Dosty köp adamlar sagdyn bolýar, uzak ýaşaýar. Lukman Hekim dostlary bilen her oturylyşygyny bir ýyl ömrüne deňäpdir. Türkmende "Dost ýeke-täk bolýar" diýen paýhas bar. Dogry hemmeler bilen dost bolmak mümkin däl. Ýöne adamlar bilen gowy gatnaşykda bolmak ajaýyp netijesini berýär. Söýgi, dostluk mährinden başga adamçylyk mähri hem bardyr. Ol mähir birek-birek bilen mylakatly gatnaşyk etmäge ýol açýar. Şeýle gatnaşygy başarýan adamyň hemişe keýpi çag bolýar. Ol hiç haçan ýamanlyga uçramaýar. Ol adamlar Arşda Hudaýdan, Zeminde ynsandan goldaw tapýar. Olaryň ýoly açyk bolýar.
Ýöne şeýle gatnaşyklar hemişe bolup duranok. Onuň hem bäş sebäbi geçirimli bolmagy başarmaýanlygymyzdan gelip çykýar. Gaharjaňlyk, öýke-kine, garasöýmezeklik diňe bir beýlekiler bilen oňat gatnaşygy kesmän, ynsanyň saglygyna, ömrüne zyýan edýär. Köplenç nerw dartgynlylygy, dürli keseller şu zatlardan gelip çykýar. Geliň, gaharjaňlygy, öýke-kinäni, närazylygy, garasöýmezligi ýaramaz duýgular diýip atlandyralyň. Ýaramaz duýgular adamyň kalbyny, saglygyny, ömrüni, görk-görmegini güýäniň ýüň matany iýşi ýaly iýýär. Şonuň üçin şol duýgulary kalbyňa salmajak bolmaly. Adamlar bilen çyn gatnaşykda bolmaly. Garasöýmez adamlar oňşuksyz bolýarlar. Olar gatnaşanda-da senden diňe peýda görjek bolup gatnaşýarlar. Olaryň her bir eden hereketi, oňatlyklary hasaply bolýar. Hatda sowgat berseler hem seniň üçin ýakymly bolsun diýip däl-de, "Sen şular ýaly iş edeniň üçin bizem şuny edýäris" diýýärler ýa-da şol hereketleri ýaňzydýarlar. Haçan-da, seniň hyzmatyň gerek däl bolansoň, olar saňa bolan gatnaşygyny üýtgedip başlaýarlar. Öň törde oturdýan bolsa, soň seniň ornuň gapynyň agzy bolýar. Ilki ýygy-ýygydan habarlaşýan bolsa, soň habarlaşmak seýrekleşip başlaýar. Özüň habar tutanyňda bolsa işli, aladaly bolan bolýarlar. Şol wagt hyzmat eden adamyň ahwaly düşnükli. Ol darykýar. Öýkeleýär. Ýogsam ol öz hyzmatyndan uly zat hantama-da däldir. Adamçylyk gatnaşygy. Öň özüňe dostdur öýden adamyňdan ýüz tapman örtener, yhlasy ters düşüp, ot alar. Şeýle adamlar giň bolmagy başarmaly. Gaýta ömür boýy şeýle adamyň ulanyş serişdesine öwrülmänine şükür etmeli. Olar ýaly adamlara gargamak, sögünmek gerek däl. Hudaý

hemme zady görüp dur. Beýleräk bolsa çyn yhlaslar bir ýerden urup çykýandyr.
N. atly zenan bir maşgala bilen gatnaşýar. N-niñ aýagy ol maşgala düşýär. Diñe oñatlyk getirýär. Ýöne bir zat welin, N-iñ mañzyna batmaýar. Ol myhmançylyga baranda, maşgala çlenlerinden kimdir biri, iñ bolmanda, çagajyk onuñ ýanyndan aýrylmaýar. Ilki ol muña hormat diýip düşünýär. "Ynan, hatda egin-eşiklerimi çykaranymda-da ýanymdan aýrylanoklar. Indi şolaryñ içinde iki sany erkeginden başga aýal-gyz maşgalalaryñ bary meniñ endamymy gördi. Asyl, görüp otursam, olar diñe maña däl, öýün gelen ähli adamlara şübheli seredýän eken. Kimdir biri bir zatlaryny alaýjak ýaly. Beýle-de bir myhman kabul edip bolarmy? Ynanmaýan adamyñ bilenem bir gatnaşyp bolarmy? Men gerek bolup, olar meni çagyrsalar, diýseñ ýaýdanýan. Ilki bilen "garawullanýandygym" ýadyma düşýär" diýýär. Eger N. ynanylmaýan bolsa, öz aýdyşy ýaly gaýdýança "iññäniñ üstünde oturan ýaly" bolup ýörmeli däl-de, ol gatnaşyklardan saklanmaly.
Şonuñ üçin adamçylyk gatnaşyklaryny hemmeler bilen edip bolar. Ýöne dostluk gatnaşygynda oýlanmaly. Dostlukda bähhit aralmaýar. Kimdir biri bilen gatnayk edeniñde, oña dostluk göwnüñi, dostluk eliñi bermänkäñ, şol gatnaşygyñ soñy nirä eltýär, şol barada oýlanmaly. Eger olar seniñ hyzmatyña mätäç bolup gatnaşyk edýärmi, kömek et! Ýöne göwün berme. Sebäbi, soñ olardan göwün diýen tamañ çykmasa, adam ejir çekýär, gama batýar. Bu bolsa öz eliñ bilen kalbyña pyçak uran ýaly zat bolýar.
Bir adam bilen aragatnaşygy üzjek bolañda-da gatnaşjak bolañdaky ýaly oýlanmaly. Aýdaly, sen ol adamy mert, hakyky erkek (ýa-da aýal) birsözli, özüñe wepaly dost hökmünde kabul edipsiñ. Ýöne wagt diýen zat ähli zady açyp gidip otyr. Ol adam söz berýär – tapylanok, syr aýdýañ – paş edýär, haýyş edýäñ – ýerine ýetirenok. Onsoñ ol adama bolan garaýyşlaryñ üýtgäp başlaýar. Tamañ çykanok. Göwnüñ geçýär.
Şeýle ýagdaýda ol adam bilen hasyr-husur arany üzmek bilen bolmaly däl. Eger ilki başda sen ony oñat adam hökmünde tanan bolsañ, hakykatdan hem şeýle bolaýmasyn. Ýöne iki taraplaýyn

gatnaşyklarda ýalňyşlyklar bolup, şeýle ýagdaýlar ýüze çykan bolaýmasyn. Belki, onuň saňa ýaramaýşy ýaly, senem oňa ýaramaýan bolaýma. Şu zatlary anyklap, hemme zada göz ýetirip, ondan soň gatnaşygy üzmek barada pikir etmeli. Onda-da nähili?! Eger şol adam bilen aragatnaşyk saklanyňda bir zat ýitirýän bolsaň, gatnaşygy üzeniňse hem bir zat gazanýan bolsaň, gatnaşygy üzmeli. Eger şol adam bilen hal-ahwal soraşmak, käte oturyp, söhbet etmek saňa ýakymly bolsa, sen ol oňatlykdan özüňi kesme. Oňa derek sen oňa haýyş etme, syr aýtma!
Soňra-da gatnaşygy düýbünden üzmeli diýen zat ýok. Goý, ol seniň ýönekeý tanşyň bolup galsyn. Sebäbi dost bolan adamyňy isleseň-islemeseň birbada ýadyňdan zyňyp bolmaýar. Dostuňa geçirimli bolmaly. Onuň artyk we ýetmez tarapyny özüňki ýaly kabul etmeli. Onuň bilen düşünişmeli. Eger ol gaharjaň bolsa, gahar diýen zadyň pähimsizlige eltýändigini düşündirmeli. Ýöne dosta ýapja bolunýan däldir. Ol ýerde mertebe deňdir. Dost-dostuň arasynda öýke bolýan däldir. Eger ol uzaga gitse, ol galyň diwara öwrüler. Soň ony ýykmak üçin ençeme güýç gerek. Diwarlar ýykylandan soň hem ähli zat öňküsi ýaly bolýan däldir. Bir zat ýetmeýän ýaly, bir ýalanlyk bar ýaly.
Dostuň "Sen maňa gerek" diýip gelse begen. Sebäbi hiç kime gerek däl adamyň ýoly diňe JÄHENNEME BARÝAR.
"BU DÜNÝÄDE DOST GAZAN, O DÜNÝÄDE JENNETE BARAR" diýip ýöne ýere aýdylanok.
Garajaoglan: "DOSTA BARÝAN ÝOLDA YZAM BAR" diýipdir. Goý, ol yzlar kesilmän, şaýola öwrülsin!

Oguljemal ÇARYÝEWA.

"Watan" gazeti, 1997 ý. Psihologiýa